# Saña Hat…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Saña Hat… SAÑA HAT



Doňýürek saýsañam, her kim saýsañam,
Perzende garaşyp döken gözýaşlañ
Edil kekre kimin ajydygyna
Men indi düşünýän
Senden alysda.
Menden razykañ gülýän gözleñden
Akan gözýaşlaryñ çeşnäñ suwy deý,

Kalbyñy gussadan saplandygyny,
Onki süññüm duýýa
Senden alysda.

Ýerliksiz göwnüñe degen çagymda
Gañryşyma gaýtman, kejirlik etmän,
Nämüçin delmuryp bakandygyñy,
Söýen ýürek duýýa
Senden alysda.

Wepadar elleriñ, zenan elleriñ,
Kalbymy ýyladýan yssysy bilen.
Ýylgyryp, ýalbaryp, düşünip bakýan
Gözlerñi küýseýän
Senden alysda. Goşgular